# Türkmenistan elektron gümrük ulgamyny kämilleşdirýär

Merkezi Aziýada serhet dolandyryş programmasy, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň işgärleri üçin harytlaryň resmileşdirilmegi we prosesleriň sanlylaşdyrylmagy bilen baglanyşykly elektron maglumat akymyny gowulandyrmak boýunça seminar gurady. Bu barada degişli türkmen edarasy habar berdi.

Latwiýaly hünärmenler, türkmen hünärmenlerini gümrük amallaryny awtomatlaşdyrmagyň täze çemeleşmeleri, şol sanda maglumat ulgamlarynda emeli intellektiň ulanylmagy bilen tanyşdyrdylar. Gatnaşyjylar Türkmenistanda elektron hyzmatlaryň ulanylyş derejesine aýratyn üns berdiler.

Okuw, gümrük amallarynyň sanlylaşdyrylmagy we awtomatlaşdyrylmagy, bar bolan ýöriteleşdirilen maglumat ulgamlary, gümrük tarapyndan hödürlenýän elektron hyzmatlar, şeýle hem “Bir penjire” ulgamynyň ösüş derejesi we integrasiýasy bilen baglanyşykly häzirki ýagdaýy bahalandyrmaga kömek bermäge gönükdirildi.

Все права защищены